**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**TASSYKLAÝARYN**
**Rektor** ____________ **A.Ö.Gurbannazarow**
____________________ **2026ý.**

**“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda Aşgabat we Arkadag şäherleriniň ýörite bilim berýän orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylarynyň arasynda “Informatika” dersi boýunça olimpiadany geçirmegiň**

# D Ü Z G Ü N N A M A S Y

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamlaryny has-da kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn özgertmeleriň çäklerinde okuwçylaryň tebigy zehinini, başarnygyny hem-de şahsy mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, ösdürmek we kämilleşdirmek barada berýän tabşyryklaryndan ugur alyp, umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak hemde olaryň başamyklaryny, şahsy mümkinçiliklerini, amaly ukyp-başamyklaryny ösdürmek, geljekde hünär ugurlaryny saýlamaklaryna ýardam bermek maksady bilen, şeýle hem Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2026-njy ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 25 belgili buýrugy bilen tassyklanan 2026-njy “**Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany**” ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde umumybilim berýän orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylarynyň arasynda dersler boýunça bäsleşikleri geçirmegiň Tertibine laýyklykda, X-XII synp okuwçylarynyň arasynda “Informatika” dersi boýunça olimpiadany geçirmegiň şu Düzgünnamasy işlenip düzüldi.

Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan geçiriljek bu bäsleşik ýurdumyzda bilim alýan okuwçy ýaşlaryň ukyp-başamyklaryny açmak, ösdürmek, geljekde hünär ugurlaryny saýlamaklaryny gazanmak ugrunda edilýän işlere goşant bolar.

e get a

# UMUMY DÜZGÜNLER

Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda geçirilýän Aşgabat we Arkadag şäherleriniň ýörite bilim berýän orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylarynyň arasynda "Informatika" dersi boýunça olimpiadany geçirmegiň Düzgünnamasy bäsleşigiň esasy maksadyny, şertlerini, tertibini, çözgütlerini bahalandyrmagyň we netijelerini jemlemegiň düzgünlerini kesgitleýär.

1. **Bäsleşigiň esasy maksady**:
   - ýaş okuwçylaryň informatika ugrundan pikirlenme ukyplaryny ýüze çykarmak we ösdürmek;
   - zehinli ýaşlary ýüze çykarmak;
   - algoritmiki çözgütleriň tapylmagyny üpjün etmek;
   - ýaşlara berilýän bilimiň hilini kämilleşdirmek.
2. **Bäsleşigiň şertleri**:
   - her gatnaşyja jemi 8 mesele we 1 sagat wagt berler:
     - meseleleriň 4-si informasion hasaplama bolup, gatnaşyjy onuň jogabyny we çözüwini görkezmeli;
     - galan 4 mesele algoritmik çözüwi bar bolan şertli mysal bolup, gatnaşyjy meseläni programmirleme dilini ulanyp çözmeli. Her çözüw girişi (input) kabul etmeli we çykyşy (output) çap etmeli;
   - wagt tamamlanandan soň gatnaşyjynyň çözüwleri emin agzalary tarapyndan barlanylar we baha berler. Gatnaşyjy öz islegi bilen wagt dolmazdan öň çözüwlerini tabşyryp biler;
3. **Bahalandyrma**:

   Her gatnaşyjy jemi 60 ball gazanyp bilýär:

| | |
|---|---|
| Mesele (informatika) | 4 x 5 ball = 20 ball |
| Mesele (programmirleme) | 4 x 10 ball = 40 ball |

   - informatika meseleleriniň çözüwleriniň dogrylygyna we çözülişine baglylykda her birine 5 ball-a çenli baha berilýär;
   - programmirleme meseleleriniň her biri 5 sany testden geçiriler we her bir dogry geçen test üçin 2 ball berilýär. Her test wagt araçäkli bolup, dogry çözüw şol aralykda çykmaly, ýogsam kabul edilmeýär;
   - talap edilen ýagdaýynda gatnaşyjy meseläniň çözülişini ýa-da koduny emin agzalara görkezmäge borçlanýar;
4. **Rugsat berilýär:**
   - standart kalkulýatory hem-de kagyz we galam ulanmak;
   - diňe bellenilen komputerden peýdalanmak;
   - islendik programmirleme dilleriniň birini peýdalanmak;

5. **Gadagan edilýär**:
   - internetden peýdalanmak;
   - mobil ýa-da islendik smart enjamlaryny ulanmak;
   - özara gürleşmek;
   - emeli aň peýdalanmak;
6. **Emin agzalarynyň topary**:
   Olimpiada wagtynda tertip-düzgüni saklamak we gatnaşyjylaryň çözüwlerini barlamak üçin Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlaryndan emin agzalarynyň topary dörediler. Olar çözüwlere baha bermäge we tertip-düzgün bozulmagy esasynda gatnaşyjylary olimpiadadan çykarmaga borçlanýarlar.
7. **Gatnaşyjylary hasaba almak**:
   Bäsleşige Aşgabat we Arkadag şäherleriniň ýörite bilim berýän orta mekdepleriniň X-XII synp okuwçylary kabul edilýär. **Her mekdepden 3 sany okuwça çenli** gatnaşmaga rugsat berilýär. Gatnaşmak isleýän mekdepler goşundyda görkezilen formany ýolbaşçy mugallym tarapyndan doldurmaly we sanly.tdmai@gmail.com electron poçtasyna ibermeli. Soňra tassyklaýjy habara garaşmaly. Gatnaşyjylar 13.04.2026ý. senä çenli kabul edilýär.
8. **Bäsleşigi geçirmegiň tertibi**:
   Bäsleşik Aşgabat şäherindäki Türkmen döwlet maliýe institutynda 15.04.2026ý. senede geçiriler. Ähli gatnaşyjylar göni gatnaşmak esasynda kabul ediýär. Gatnaşyjylar **resmi mekdep lybasynda** gatnaşmaly. Olimpiada sagat 14:00-da başlaýar.
   Türkmen döwlet maliýe institutynyň salgysy: Aşgabat ş., 1987 köç. (Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow şaýoly), 112.

**Habarlaşmak üçin telefon belgiler:**
+99312490119 iş;
+99365631657, Güýçgeldi Kutlyýew, Maglumat tehnologiýalary kafedrasynyň müdiriniň wezipesini ýerine ýetiriji, tehniki ylymlaryň kandidaty, dosent;
+99363249950, Täçmyrat Saparmyradow, Maglumat tehnologiýalary kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda Aşgabat we Arkadag şäherleriniň ýörite bilim berýän orta mekdepleriniň X-XII synp okuwçylarynyň arasynda “Informatika” dersi boýunça olimpiada**

______________________________________________________

(mekdebiň doly ady)

**tarapyndan gatnaşýan okuwçylaryň we olaryň ýolbaşçy mugallymynyň**

MAGLUMATY

| № | Gatnaşyjynyň FAA | Synpy | Programmirleme dili (gurşawy) | Gatnaşyjy topara ýolbaşçy mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi, telefon belgisi, elektron poçtasynyň salgysy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | *C#, Visual Studio* | |
| 2. | | | | |
| 3. | | | | |